

# Haýwanat dünýäsi

**Mähriban okyjylar, eziz körpeler! Bu kitapçada “Zaman-Türkmenistan” gazetinde çap edilen Ýer ýüzüniň dürli ýerlerinde ýaşaýan täsin jandarlar barada gyzykly maglumatlar berilýär. Bu maglumatlar siziň dünýägaraýşyňyzy giňeltmäge, tebigata bolan söýgüni döretmäge ýardam eder.**

# Haýwanat dünýäsi

Kitler Ýeriň magnit meýdanyny duýup, haýsy tarapa gitjekdigini bilýärler. Giň ummanlarda ýylyň dowamynda müňlerçe kilometr ýol geçýän bu jandarlaryň ys alyş ukyby hem örän ýokarydyr. Olar 500 metr uzakdaky ysy alýarlar.



***



Akulalaryň birnäçe görnüşi bolup, olaryň iň kiçi görnüşiniň ululygy 17 santimetr çemesi bolýar. Iri akulalaryň boýy 15 metre, agramy 36 tonna ýetýär. Bu jandarlar Atlantik ummanynda Kolumbiýanyň we Wenesuelanyň kenarlarynda ýaşaýarlar.

***

Krokodilleriň derisinden köwüş, kemer we beýleki önümleri ýasamak üçin peýdalanylýar. Munuň üçin ýörite krokodil ösdürip ýetişdirýän fermalar hem bar. Häzire çenli iň uly krokodil 2011-nji ýylda Filippinlerde tutulypdyr. Krokodiliň şor suwda ýaşaýan bu görnüşi häzire çenli tutulan iň uly krokodil hem-de süýreniji hasaplanýar. Onuň uzynlygy 6 metr 17 santimetre barabar eken.



# Menekli zebrajyk



Käbir jandarlar öz garyndaşlaryndan tapawutly reňkde bolýar. Mysal üçin, guzular dünýä inenlerinde gara ýa-da goňur bolýarlar. Guzularyň ak reňklisi örän seýrek duş gelýär. Bu ýagdaý ýabany haýwanlarda hem gabat gelýär. Dünýäniň ösümlik we haýwanat dünýäsine iň baý ýerleriň biri hasaplanýan Keniýadaky Masai-Mara goraghanasynda menekli zebra dünýä indi. Adatça, zebralar ak-gara çyzykly bolup, hatda ak çyzykly ýerlere zebra diýilýär. Meýdanda bökjekläp ýören menekli zebrany beýlekilerden tapawutlandyrmak örän aňsat. Ony surata düşüren Frenk Liu bu kiçijik jandary ilki göreninde onuň başga bir jandardygyny pikir edipdir. Zebra sürüsiniň içinde ejesiniň ýanyndan aýrylmansoň, “taýharjygyň” bu maşgala degişlidigi belli bolupdyr. Gaty seýrek duş gelýän bu ýagdaý jandaryň reňkini emele getirýän pigmentleriň beýlekilerden tapawutly bolmagy bilen baglydyr. Şol sebäpli zebranyň derisinde çyzyklaryň deregine menekler emele gelýär. Munuň hiç hili zyýany ýok. Emma hünärmenler şeýle reňkli zebrany has köp çybyn-çirkeýiň çakyp biljekdigini aýdýarlar. Sebäbi, zebralaryň ak-gara çyzyklary mör-möjekleriň görüş ukybyna täsir edip, zebralara köp gonmagynyň öňüni alýar.



# ARYLAR barada gysgaça maglumatlar

**Dünýäde arynyň 16 müň töweregi görnüşi hasaba alnypdyr. Bu jandarlar Antarktikadan başga dünýäniň ähli yklymynda tozgalanýan ösümlikleriň bar ýerlerinde gabat gelýär.**

Balarylar öýlerini hem-de iýmit çeşmelerini, ýagny gülli ösümlikleri ösen GPS (Global Positioning System-Global ýerleşme ulgamy) ulgamyndan peýdalanýan ýaly, azaşmazdan tapyp bilýärler.

Bir ary bir gezekde iňňäniň ujy ýaly bal toplaýar. Muňa garamazdan, käbir ary sürüsi her günde bir kilograma barabar bal ýygnap bilýär.

Erigiň ýa-da islendik başga bir ösümligiň güllänini gören bolsaňyz gerek. Olaryň ählisi biri-birine meňzeş. Şeýle bolansoň, olary tapawutlandyryp bolmaýar. Emma arylar beýle däl. Öň gonan gülüni ýadynda saklap, ikinji gezek şol güle gonmaýar.

Balarylar diňe gonan güllerini däl, eýsem, adamlaryň ýüz keşbini hem ýadynda saklaýar.

Balary öýjükleriniň galyňlygy bir millimetriň ondan birine barabar. Muňa garamazdan, öz agramyndan ýüzlerçe agyr ýüki göterýär.

Balarylar 6 hepde töweregi ýaşaýar.

# Jandarlar dünýä inende...

***Her bir janly-jandaryň kiçijigi has eýjejik bolýar.***
***Eýsem, jandarlar dünýä gelenlerinde nähili ýagdaýy başdan geçirýärkäler?***



**Deňiz pyşbagasy** tennisiň topy ýalyrak ýumurtgadan çykanyndan soňra, deňziň golaýyndaky çägelikdäki hininden çykyp, deňze tarap süýşüp başlaýar. Ol suwa ýetýänçä guş, leňňeç ýaly duşmanlaryndan hem gaçmaly bolýar. Tolkunlara özüni atanyndan soňra bolsa, beýleki deňiz jandarlaryndan gaçmaly bolýar. Bu kiçijik jandar howpsuz ýere barmak üçin 24 sagatlap ýüzmeli bolýar. Olar ýumurtganyň gabygyny döwüp çykanlaryndan soňra näme etmelidigini we haýsy tarapa ýöremelidigini gowy bilýärler.

**Geçigaplaňyň çagasy** kiçi wagty onuň derisiniň nagşy ýaşaýan ýeriniň otlaryna meňzeýär. Şol sebäpli ony beýleki haýwanlar uzakdan görüp bilmeýär. Ulaldygysaýyn onuň reňki üýtgeýär. Iki ýaşyndan soňra bolsa, tüýi täzelenýär.

Ýedi müň töweregi tikeni bolan **kirpijikleri** näçe eýjejik bolsa-da sypalap bolmaýar. Sebäbi oňa golaýlaşsaň, ol togalanyp, tikenli topa öwrülýär. Kirpileri diňe tilkidir şagal däl, eýsem, ýyrtyjy guşlar hem awlamak isleýär. Emma bu jandarlar kiçidigine garamazdan, ýabany haýwanlardan aňsatlyk bilen goranyp bilýär.

**Keýikler** köplenç bir-birlerini tanamak üçin ysgaşýarlar. Olaryň derisiniň reňki dünýä inen wagtlary tokaýyň ýa-da ýaşaýan ýeriniň tebigatynyň reňkine meňzeýär. 3-4 aýdan soňra onuň tüýi täzelenip, has goňur reňkli bolup başlaýar. Täze çykan tüýleri bolsa has galyň bolup, ony ýetip gelýän gyşyň sowugyndan goraýar.

**Ördegiň jüýjesi** öýkünmekde örän ussat bolýar. Bu jüýjeler ýumurtgadan çykan gününden başlap, ene ördegiň iýmit çokuşyny, ýüzüşini we paýtyklap ýöreýşini bolşy ýaly gaýtalaýar. Olaryň sary ýelekleri iki aýdan soňra täzelenip, uly ördege meňzeýär.

# Haýwanat bagyndaky iň kiçi jandar

Haýwanat baglary tebigatda ýaşaýan ýüzlerçe görnüşli jandary, şol sanda ösümlikleri synlamak üçin iň amatly ýerleriň biridir. Şol sebäpden bu ýerler hemişe köp adamly bolýar. Haýwanat baglarynda süýrenijiler, guşlar, deňiz jandarlary, ýerde-suwda ýaşaýanlar, ýolbars, gaplaň ýaly ýabany haýwanlar, pildir žiraf ýaly iri jandarlar bolýar. Eýsem, haýwanat bagynda saklanýan iň kiçi jandar haýsyka?!

Haýwanat bagynyň iň kiçi wekilleri ýaprak bilen iýmitlenýän garynjalardyr. Şeýle jandarlar Angliýanyň Çester haýwanat bagynda bar. Bu ýerde ýaprak bilen iýmitlenýän garynjalaryň birnäçe görnüşi bar. Mälim bolşy ýaly, garynjalar köplük bolup ýaşaýarlar we olar dürli-dürli işleri ýerine ýetirýärler. Garynjalaryň edýän işi olaryň ululygyna hem bagly. Mysal üçin, işçi garynjalaryň ululygy birnäçe millimetr (5-15 millimetr aralygynda) bolýan bolsa, ene garynjanyň ululygy 3 santimetre ýetýär.

1931-nji ýylda döredilen Angliýanyň Çester haýwanat bagynyň umumy meýdany 51 gektara barabar bolup, bu ýere her ýylda iki milliona golaý adam baryp görýär. Bu ýerde saklanýan jandarlaryň janly tebigatda ýaşaýan ösümlik dünýäsi hem döredilipdir.





# Gülgüne halkaly

# BALYKGULAK

Dünýäde balykgulaklaryň 60 müňden gowrak görnüşi bolup, olar ululygy, daşky şekili, iýmitlenişi we ýaşaýan ýeri babatda bir-birinden tapawutlanýarlar. Deňizde ýaşaýan balykgulaklaryň ululygy süýji suwlardaky bilen deňeçer bolýar. Balykgulaklaryň iň täsinleriniň biri gülgüne halkaly diýlip atlandyrylýar. Ýuwaş ummanynda Demirgazyk Amerikanyň kenarlaryna golaý ýerlerde ýaşaýan bu jandarlaryň dem alyş ýollary edil balyklaryňka meňzeýär. Ululygy 16-35 mm aralygynda bolan bu owadan jandarlaryň bir tarapy çürelip gidýän täsin şekili bar. Olaryň reňki altynsow bolup, goňur tegmilleri bolýar. Ol deňizdäki goňur reňkli suwotularyň arasynda ýaşaýar.

# Iň uzyn jandar



Ähli janly-jandarlar ýaly žiraflar hem öz çagalaryny goraýar. Hatda ene žiraf duşmanyny göreninde, çagasyny goramak üçin oňa topulýar. Çagasy dünýä inenden soňra ene žiraf bir hepdeläp onuň ýanynda bolýar. Janly-jandarlaryň köpüsi öz çagalaryny, çagalary bolsa enelerini ysyndan tanaýar. Ene žiraf çagasynyň ýanynda bolanda, çaga žiraf enesiniň ysyny ýat tutýar. Soňra bolsa, ene žiraf çagasyny gezelenje äkidýär. Haýsy agajyň ýapragynyň ýa-da otuň iýilýändigini nireden suw içilýändigini, görkezýär. Haýsydyr bir howp abananda bolsa çagasyny uzyn aýaklarynyň arasyna alyp goraýar.

# Perleri bilen suw daşaýan guş

Planetamyzyň dürli ýerlerinde şol ýeriň geografi ýagdaýyna görä, dürli jandarlar ýaşaýar, osümlikler bitýär. Bu jandarlar we ösümlikler şol tebigy şertlerde ýaşamaga ukyply bolup, olaryň özüne mahsus aýratynlyklary bolýar. Şeýle jandarlaryň biri Günorta-Günbatar Afrikanyň çöllük we ýarym çöllük ýerlerinde ýaşaýan latynça ady “Namaqua sandroguse” bolan guşdur. Bagyrtlagyň bir görnüşi bolan bu guşuň özboluşly aýratynlygy bar. Olar jüýjelerine 30-40 kilometr uzaklykdan suw getirýärler. Ýöne nädip?! Olaryň gotanyňky ýaly alkymynda holtumy ýok. Guşlaryň käbir görnüşi jüýjelerine iýmiti petekesinde äkidýär. Emma bu guşlar kiçi bolansoň, yssy howada özleri hem suwsaýar. Günorta Afrika bagyrtlaklary suwdan uzagrakda özlerine höwürtge ýasanýarlar. Jüýjeleri ýumurtgadan çykan badyna iýmit toplap bilýärler. Emma suwy maşgalanyň horazy getirmeli bolýar. Bu täsin guşuň ýelekleriniň astynda ýumşak perleri bolýar. Bagyrtlaklar köle girip, ganatlaryny galdyryp, perlerini suwa batyrýarlar. Soňra uçup höwürtgesine gelýärler. Azda-kände bugarýan hem bolsa, ýörite gatlak onuň bedenindäki suwuň uly bölegini saklamaga ýardam edýär. Höwürtgesine gelen horaz jüýjelerini daşyna üýşürip ganatlaryny aldyrýar. Jüýjeleri hem onuň perleriniň arasyndaky suwy içýärler. Bu ýagdaý jüýjeleriň birinji tüýüni täzeleýän wagtyna çenli iki aýlap, her gün dowam edýär. Ululygy 28 santimetre barabar bolan guşlaryň agramy 175-200 gram aralygynda bolýar. Mäkiýanlarynyň we horazlarynyň reňkleri meňzeş bolup, açyk goňur, döşünde ak çyzyk, ganatlarynda gara tegmil bolýar. Olaryň reňki ýaşaýan ýeri bilen meňzeş bolup, duşmanlaryndan gizlenmäge mümkinçilik berýär. Bu guşlar örän az iýmit bilen oňňut edip, adatça ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär. Guşlaryň ýelekleri Afrikanyň yssy howasyndan goranmaga ýardam edýär.



# Mähirlije kenguru



Kengurularyň boýy iki metre, agramy ortaça 90-100 kilograma ýetýär. Onuň çagasy dünýä inenden soňra 9 aýlap öňündäki jübüsinden çykmaýar. Kiçijik kengurunyň gözi dünýä inenden dört aýdan soňra açylýar. Bäş aýdan soňra bolsa, ol kellesini çykaryp, daş-töwerege syn edip başlaýar. Bu döwürde kiçijik kengurunyň tüýleri çykýar. Ene kenguru çagasyna otlaýan, suw içýän ýerlerini görkezýär. Çaga kengurunyň içinde oturýan jübüsi çaga arabajyklaryna meňzeýär. Ene kenguru haýsydyr bir howpa duçar bolsa, çagasyny bir ýerde bukup goýup, beýleki tarapa gaçýar. Şeýlelikde, duşmanyň ünsüni sowýar. Bu jandarlar sagatda 56 km tizlik bilen ylgaýarlar. Howp abanmasy aýrylandan soňra çagasynyň ýanyna gelýär. Bu jandarlar uzak aralyga böküşnligi we gaty ylgaýanlygy bilen tapawutlanýar. Tebigy şertlerde diňe Awstraliýadaky çöllerde we düzlüklerde ýaşaýan kengurular ýokarlygyna 1,8 metr, öňe 7,6 metr töweregi aralyga böküşýärler.



# Ýörjen-ýörjen piljagaz

Gury ýerde ýaşaýan iň uly jandarlar bolan piliň çagasynyň dünýä inen wagty boýy 85 sm, agramy 120 kg bolýar. Süri bolup ýaşaýan bu jandarlar maşgalanyň täze agzasyny mähir bilen garşy alýarlar. Olar kiçijik piljagaza öz holtumlary bilen gowy görýändiklerini duýdurýarlar. Çaga pil bir hepdä çenli o diýen gowy ýöräp bilmeýär. Piljagaz öz holtumyna çolaşyp ýykylýar. Ejesi ýykylyp-sürşüp ýören piljagaza onuň holtumyny ýokary galdyryp ýöremelidigini öwredýär. Ene pil daş-töwerekde nämeleriň bardygyny we ýöretmegi öwretmek maksady bilen ony gezdirýär.

# Haýsy çalasyn, haýsy çakgan?!

***Ýabany haýwanlaryň köpüsiniň zerurlykduýýan zatlarynyň biri gaty ylgamak.Olar käwagt gaçmak, kämahal kowmak üçin ylgaýarlar. Ylgamaklaryndaky esasy maksat, ýaşaýşyny dowam etdirmekden ybarat. Eýsem, gury ýerde ýaşaýan jandarlaryň iň ýyndamy haýsylarka?***



Iň ýyndam jandar hasaplanýan geçigaplaňlaryň sagatdaky tizligi 112 kilometre ýetýär. Haýran galdyryjy tarapy pişikler maşgalasyna degişli bolan bu jandaryň şeýle tizlige baryýogy 3 sekuntda ýetmegidir. Ol az wagtyň içinde ýadaýar. Şol sebäpli keýikdir beýleki jandarlara topulan badyna tutup bilmeseler, awyndan umydyny üzmeli bolýarlar. Günorta Afrikada ýaşaýan antilopalar maşgalasyna degişli bolan gök gnularyň tizligi sagatda 80 km-e ýetýär. Bu maşgalanyň beý leki wekilleri Tompsonyň keýigi, böküji antilopa hem şeýle tizlik bilen ylgap bilýärler.

Çeňňek şahly antilopalar Demirgazyk Amerikada ýaşaýar. Bu owadan jandarlar sagatda 98 km tizlik bilen ylgap bilýär. Olaryň uzynlygy 130 sm, beýikligi 100 sm we agramy 60 kg töweregi bolup, tebigy şertlerde 57 ýyl ýaşaýarlar. Tokaýyň şasy ýolbarsyň sagatdaky tizligi ortaça 80 kilometre ýetýär.

Goňur meýdan towşanynyň uzyn aýaklary sagatda 77 km tizlik bilen hereket etmegine mümkinçilik berýär. Bu jandarlar Ýewropada we Günbatar Aziýada ýaşaýarlar. Towşanlaryň ganym duşmany mor tilkileriň tizligi hem bu towşanlaryňky bilen deňeçer. Tilkileriň ýene bir aýratynlygy olar kämahal towşan tutmak üçin, käwagt has uly ýyrtyjy haýwanlardan gaçmak üçin şeýle tizlik bilen hereket etmeli bolýar. Dürli görnüşi bolan keýikleriň tizligi sagatda 75 kilometre barabardyr. Olar özlerinden has ýüwrük bolan duşmanlaryndan sypmak üçin eýläk-beýläk öwrüm etmeli bolýarlar.

Adamyň iň ýakyn dosty bolan atlaryň tizligi sagatda 70 kilometrden geçýär. At eldeki haýwanlaryň iň ýyndamydyr. Aw awlamakda adamyň iň uly kömekçisi bolan tazylaryň tizligi hem atlaryňka barabar. Awstraliýada ýaşaýan täsin jandar bolan kengurular 71 km/s bilen ylgaýarlar. Zebralar sagatda 64 kilometr tizlik bilen ylgaýar. Gaplaňlaryň tizligi hem zebralaryňky bilen deňeçer. Gury ýerde ýaşaýan iň uly jandar bolan pil 40 km/s bilen ylgaýar.